# Alatawyñ üstünde

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Alatawyñ üstünde ALATAWYÑ ÜSTÜNDE

Şahyryñ toýundan ~ Oşdan gelýärdik,
Maşynymyz şol çygynyp barşyna.
Üstündäki on adamy göterip,
Çykdy Alatawyñ belent gerşine.

Dag şemalt tomus pasly bolsa-da,
Dygdyradýar köýnekçäniñ endamyn.
Seretsem,
ýörmüldäp ýören gurçuklar,
Deşipdir böwrüni doñ ýatan garyñ.

Garyñ öz süññünden dörän gurçuklar,
Iýip ýatyr onuñ çuw-ak bedenin.
Ýer teýine girip,
ýa daga çykyp,
Barmy bu täleýden gaçyp gideriñ.

* * *

Dünýä iki bölek darka,
Bir ýany gyş, bir ýany ýaz.
Ýarysy öñ, ýary ~ arka,
Ýary ýagyş, ýarysy ~ gar.

Ýarysynda ot ýanyp dur,
Deñ ýarynda doñýar adam.
Deñ ýarynda gum ýagyp dur,
Deñ ýarynda dogýar adam.

Deñ ýarynda halasym bar,
Ýarynda öýüm üçeksiz.
Öýde ýarty palasym bar,
Dünýäñ deñ ýary düşeksiz.

Dogry sözüñ ýary ýalan,
Ýalan sözüñ ýary dogry.
Gara gözüñ agy ýalan,
Peýkam egri, ýaýy dogry.

Dünýäñ ýarpy suwy ~ ýata,
Ýarysy çogup-gaýnap dur.
Ýarysy çus, ýary ýalta,
Kim uklap dur, kim oýnap dur.
Tereziñ bir ýany galgap,
Bir ýany aşak düşüp dur.
Kimseler bu hala aglap,
Kimler bolsa gülüşip dur.

* * *

Ala gözler meni sergezdan etdi,
Azaşdym men bu bediýan çöllerde.
Kirpikleñ peýkamy ýüregme ýetdi,
Ýaý galypdye haýsy jellat ellerde.

Heläkdir men seniñ kylan oýnuñdan,
Ýer ýetmedi giñ gujakdan-goýnuñdan.
Saçlaryñ kementdir, düşdi boýnumdan,
Aýagym duzakda, elim-tellerde.

Bagra ýara düşdi, asyl-ha bitmez,
Dünýä ses ýetirdim, aýdymym bitmez.
Bir seniñ gulagña owazym ýetmez,
Yşkym uçdy öwsüp barýan ýellerde.

Leb kandadyr teşne lebe basmaga?
Göz kandadyr gözel keşbe bakmaga?
Jeset munda, ruhum göçdi asmana,
Gabrym galdy sen öldüren ýerlerde.

Per kandadyr sen yrakda, men daşda,
Men çalpawda, sen akarda, gözbaşda.
Wysal başga, bada başga, söz başga,

Adym aýan bolsy rowan dillerde.

▶ GÜÝZÜÑ SOÑY

Baglar depesinden ýalañaçlanýar,
Kem-kem aşak gaçýar olañ köýnegi.
Sähelçe salymdan gyş hem başlanýar,
Sary duman ~ göýä güýzüñ öýmesi.

Çar ýanym açyklyk,
Çar ýanym boşluk.
Göwnüme bu dünýä boşan ýalydyr,
Öñküsine göwni ýetmän, bu baglar
Ömrüni täzeden başlan ýalydyr.

▶ ÖTGÜL GÜNÄMI!

Göz gözel görmese, günä gazanmaz,
Men günä gazandym, ötgül günämi!
Dert çekmese, aşyk bagry garalmaz,
Bagrym deý garaldym, ötgül günämi!

Yşka belent, eşitmeli däl birinden,
Kasam etdim saña «Söýýän» diýrin men.
Gözler hanjaryndan, kirpik tirinden
Agyr ýaralandym, ötgül günämi!

Hakyky muhabbet ~ täk muhabbetdir,
Özem öñi-soñy ebediýetdir.
Ýanyña barmaga ýetmedi hetdim,
Yrakda daýandym, ötgül günämi!

Dünýäñ derdi ýetik, dert bormy munça?!
Galtaman elinden syparmy olja?!
Sen säher ýeline açylan gunça,
Wah, men giç oýandym, ötgül günämi!

Aw garaşmaz awçyñ gelip atarna,
Ýaýdanan goşulmaz aşyk hatarna.
Belki, garaşansyñ bir söz gatarma,

Çal saçdan utandym, ötgül günämi!

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy. Goşgular